# Içi gysan Döwran

Hans Wilhelm



«ZEHINLI KÖRPE»

# Içi gysan Döwran

Ýazan we şekillendiren Hans Wilhelm





Döwran hemme oýunjaklary bilen oýnap boldy. Ol hemme kitaplaryny okap çykdy. Ýöne ol indi näme etjegini bilmedi. Ol köp pikirlendi. Emma edere zat tapmady.

Döwranyň hakyky içi gysdy.





Ahyry Döwran ýerinden turdy we kakasynyň ýanyna gitdi. Ol tüýdügini çaldy we "Ýör bir zat edeli."

Kakasy "Men bir zat edip durun" diýdi. "Men reňkläp durun. Balyk tutmana gitseň bolmazmy?"



Döwran "Ýeke özüň balyk tutmak hezil däl-ä" diýdi. "Meň bilen bir zat edäý-dä haýyş edýän."

Kakasy "Şu wagt edip bilemok" diýdi. "Bolmasa kitap okaý oglum!"

Döwran "Kitaplarym ýüregime düşdi!" diýip jogap berdi.



Döwran özi bilen bilelikde ejesi bir zat eder diýip umyt etdi.

Ejesi "Men höwes bilen ederdim welin, uýajygyňa oň bilen köke bişirjek diýip söz berdim. Gel senem bize kömekleşäý." diýdi.

"Ýok, ýok, ýok!" diýip Döwran gygyrdy. "Men uýamy ýigrenýän - hem-de köke bişirmegi ýigrenýän!" Soň ol öz otagyna girip gitdi.





Döwran aşhanadan gelýän şatlykly sesleri eşidýärdi. Gürleşmeler we gülüşmeler has hem keýpsiz etdi. Ol özüniň agaç öýüne gitmegi ýüregine düwdi.





"Belki ol ýerde maňa oýnamaga bir zat bardyr" diýdi. Birden aňyrda ýok bolaýmasyn diýip, ol tüýdügini ýany bilen aldy.





Emma Döwran agaja dyrmaşan badyna, ol ýerde hem edere zadyň ýoklugyna göz ýetirdi. Bu hem otagynda oturmak ýaly içgysgynçdy.



"Näme edip bilerin? Näme edip bilerin?" diýip özüne öwran-öwran sorady.





Onuň edesi gelmeýän zady kändi, emma onuň çyndanam edesi gelýän zady ýokdy.



Birdenkä, aşakdan ullakan kagyz guty ýöräp geçdi. Içinden Döwranyň jigisiniň aýdym aýdýan sesi gelýärdi. "Men öz galamy gurmaga barýaryn. Ýöne onuň ýerini hiç kim bilmez. Bu bir syr!"



Döwran oturan agajyndan onuň nirä barýanlygyny anyk görüp otyrdy. "Gala gurmak!" diýip pikir etdi. "Gör nähili içgysgynç pikir. Eger meniň gutym bolsady, men ondan kosmos gämisi ýasardym!" Jigisi we onuň dostlary işe başlanlarynda, ol olara seredip otyrdy.



Basym Döwran hemmeleriň gala kagyz we düwmeleri ýelmeýänligini, onuň diwaryna surat çekýändigini gördi.

Döwran oňa derek özüniň näme edip biljekdigini bilýärdi. Kosmos gämisine raketalar, ganatlar we beýleki zatlar gerek bolardy.

Ýöne soň juda içi gysandygy we hiç zat edesi gelmeýänligi ýadyna düşdi.







Döwranyň indiki gören zady jigisi we dostlarynyň lentalary we ýygyrtly kagyzy alyp barýandyklary boldy.

Döwran "Olar şagalaň etjek bolýarlar öýdýän" diýip pikir etdi. "Ýeri bolanda näme! Men şagalaňlary ýigrenýän!"

Emma şonda-da ol agaç öýünden olary synlap oturdy.



Jigisi biraz salym soň Döwranyň agajynyň aşagyndan geçip barşyna "Ejem geýim-geýim oýnamak üçin hemme şaý-seplerini we eşiklerini berdi" diýip batly ses bilen aýtdy.

"Men şagyzy bolaryn. Emma sen ony görmersiň!" diýdi.

Döwran elbetde görerin diýip pikir etdi, ýöne gyzyklanmadyksyran boldy.







Geýim-geýim oýnamak şagalaňly we hezil görünýärdi.

Döwran özüniň haýsy geýim geýjekdigini göz öňüne getirdi. Onuň öz şagalaňy bolsady - kosmonawt ýa-da bir başgaplanetaly bolardy!



Ýöne soň Döwran beýlekileriň onsuzam hezil edip oýnaýandyklaryny gördi. Bu onuň keýpini has hem bozdy.

Şagyzy surata düşer ýaly olar durkalar, Döwran olaryň üstüne şahalary zyňdy. Emma olaryň muny aňmaga wagty ýokdy, örän hezil oýnaýardylar.







Soňra jigisi dostlaryna "Geliň indi şagalaň edeliň" diýdi. Soň birden özüniň şagyzydygy ýadyna düşdi-de "Wiý ýok men köşk baýramçylygy diýjek boldum!" diýip düzetdi.

Ol Döwranyň agajynyň ýanyndan içi gyzgynjak kökeden doly okara bilen gaýşaryp geçip gitdi.





Ýaňyja bişen kökeleriň lezzetli ysy Döwranyň agaç öýüne bardy. Miwe şiresinden doly küýze ony suwsatdy. Ýöne oňa hiç kim üns bermeýärdi. Olar gülüp, iýip hezil edip başga zada üns bermeýärdiler.

Döwran "Boldy indi!" diýdi.





Döwran indi muňa çydap bilenokdy. Ol tüýdügini aldyda, iň batlysyny edip üfledi. *Fwaamp!*

Ýene-de. *Fwaamp!* Soň ýene. *Fwaamp! Fwaamp!*





Ol bes edende ümsümlik aralaşdy! Hiç kim geplemeýärdi we gülmeýärdi. Tüýdügiň sesi täsir etdi! Ol biderek hezilligi we samsyk şagalaňy bes etdi. Döwran öz ýanyndan monça boldy.

Emma birdenkä ol aşakdan biriniň çagyrýanlygyny eşitdi.



"Köşk baýramçylygyna gerek zat tüýdükçi Döwrandyr!" diýip myhmanlaryň biri gygyrdy. "Ýeri nähili bolar? Şanyň tüýdükçisi bolarsyňmy?"

Döwran gödek bir zat diýmekçi boldy. Soň birden pikirlendi-de "Belki men tüýdükçi bolup bilerin. Ýöne diňe ýigrimi köke almak şerti bilen!" diýdi.

Jigisi boşap barýan okara seredip, "Üç bolsa nähili bolar?". diýip sorady.

Döwran "Bor" diýdi, "şol nyrh adalatly." Ol agaçdan aşak düşdi.



Şagalaň örän hezil geçdi! Tüýdükçi tüýdük çaldy. Şa deprek çaldy. Köşk adamlary tans etdi. Döwran bolsa hemme içgysgynçlygyny we işsizligini ýadyndan çykardy.



Emma ol şagyzynyň ýörite özi üçin aýryp goýan kökelerini ýatdan çykarmady.

